# Fragment platformasy belgileri satyn almak üçin hökmany tassyklamany girizdi

Tassyklamadan geçmek üçin ulanyjylar diňe bir pasport däl, eýsem goşmaça maglumatlary hem bermeli. Email, telefon belgisini görkezmek we resminamanyň eýesiniň ýüzüni görkezýän suraty ýüklemek talap edilýär. Ähli maglumatlar tassyklama bilen meşgullanýan Sumsub atly üçünji tarap platformasy arkaly barlanýar.

Bu üýtgeşmeler KYC (Müşderini Tanamak) syýasatynyň çäginde girizilýär, bu bolsa platformada howpsuzlygy üpjün etmek we galplygyň öňüni almak üçin indi ulanyjy baradaky ähli maglumatlaryň tassyklanjakdygyny aňladýar.

Öň ulanyjylar telefon belgilerini anonim ýagdaýda satyn alyp bilýärdiler.

Все права защищены